# Boş wagt

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Boş wagt

BOŞ WAGT

Boş wagt,
Sen örän gerek zat maña,
Seni boş geçırmek üçın däl, düşün!
Munda wagt tapman duşdan ötüren
Ençe ışlerıme ÿetişmek üçın.

Nahallarym üçın – ekılmän galan,
Baharlarym üçin – eçilmän galan.
Ýakynlarym üçin, ýatlarym üçin,
Görünmedik toÿum, ýaslarym üçin.

Geçilmedik menzil, ÿollarym üçin,
Geçip barýan ömür sallarym üçin.
Mundan bu ýana
Berlip ýaşar ÿaly arzuw-hyÿala,
Boş wagt, sen juda gerek zat maña.

Sähralara, bu daglara, ýurduma
Sežddäm üçin, seýran üçin gerek sen.
Duşup algyr bürgüdıne, gurduna,
Syrlaşmaga, sözleşmäge ÿürekden,
Gerek sen.

Gerek sen, undulan dostlarym üçin,
Ýitiren gymmatly zatlarym üçin
Niýetlerim üçin – ýaýylman galan,
Setirlerim üçin – ýazylman galan.

Çeşme-çaýlar gözbaşyna akmaÿar,
Dolanmaz yzyna geçen günlerem.
Solup-saralyşy kalby daglaýar,

Birwagtky anbar saçan gülleriñ.

Bahar gelÿär,
Ýene güller açylÿar,
Ynsan arzuw edÿär ýene ak daña.
Şu zatlary duşdan ötürmez ýaly
Boş wagt, sen juda gerek zat maña.

Bäşim ATAÝEW.

Goşgular